# Ysraýylyň demokrat tüýsli diktatory: Binýamin Netanýahu

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ysraýylyň demokrat tüýsli diktatory: Binýamin Netanýahu
YSRAÝYLYŇ DEMOKRAT TÜÝSLI DIKTATORY: BINÝAMIN NETANÝAHU




*Ysraýylda demokratiýa we şahsy gegemoniýa dualizmi*
*Illýustrasiýa: Nash Weerasekera / Majalla*

Ysraýyl ençeme ýyllardan bäri Günbatar metbugatynda we ylmy-barlag işlerinde «Ýakyn Gündogardaky ýeke-täk demokratik ýurt» hökmünde tanadylýar. Emma jöhit döwleti totalitar režimiň elementlerini özünde saklaýar.

Bu režimin merkezinde Binýamin Netanýahunyň ýa-da onuň tarapdarlarynyň aýdyşy bilen «Ysraýylyň patyşasy» ýer alýan bolsa, daş-töweregini bolsa Dõwlet Howpsuzlyk ministri Itamar Ben-Gwir ýaly terroruzmde aýyplanyp garşysyna höküm çykarylan,

elli ýyl bäri dowam edip gelýän harby okkupasiýany goldaýan we jöhitlere jynsparaz ýokardalyk berýän kanunlaryň ýany bilen käbir jöhit raýatlaryň sosial mediýa hasaplarynda Gazadaky urşy ýazgarýandyklary üçin basyş edilmegini we daşary ýurt mediýa organlaryny ýapdyrmagy teklip edýän kanunlaryň çykarylmagyny goldaýan ekstremistik tarapdarlar bilen doly.
Netanýagunyň Ysraýylynda örän oýlanyşykly diktatura sistemasy agalyk sürýär.
«Jadygöý» lakamy bilenem tanalýan we Ysraýylyň premýer-ministri bolup iň köp wagt oturan Netanýahu çykyşlara rugsat bermek, erkin saýlawlara gatnaşmak, parlamentdäki oppozision liderler bilen birmeňzeş pikirde bolmazlyk we suduň kararlaryna eýermek ýaly demokratik hökümetiň käbir bezegli jäjeklerini şahsy şahsy bähbitleri üçin we inçeden inçe awtoritar hökümet gurmak üçin ulanýar.
Şeýtmek bilen Ysraýylyň hökümet sistemasy hem demokratiýany, hem diktaturany birleşdirýän garjaşyk sistema öwrüldi. Emma aýratynam 1967-nji ýyldan bäri dowam edýän bikanun harby okkupasiýa sebäpli diktaturanyň aýratynlyklary has agyr basýar.
Ysraýyldan başga ýerde goşun başga bir halka genosid edende muny görmezlige salýan demokratik syýasy režime gabat gelemzok.
Aslynda demokratik sistemalar köplenç öňüni alyjy uruşlar bilen bir hatarda uruşlara girmekden çekinýärler. Munuň bilen birlikde adam hukuklarynyň bozulmalary we uruş jenaýatlarynyň orta çykmagy gutulgysyz bolanlygyndan halkyň aglaba bölegi şobada uruş yglan edilmegine garşy çykýar. Sebäbi demokratik ýurtlarda ýaşaýan halklar tokaý kanunlary bilen däl-de, ynsanperwer gymmatlyklar esasynda dolandyrylýarlar.
Ysraýylda lideriň aýdýanlaryny tankydy seljerip bilýän islendik adamyň alnyna «dönük we komplimasiýaçy» tagmasy basylýar.
Ysraýyllylaryň aglaba köpüsiniň pikirine görä, Gazada gurbanam ýok, jebir çekenem. Goşun hamana özüni goramagyň söweşini alup barýar. Olar her gün orta çykýan çagalaryň ölýän we ýaralanýan gorkunç manzaralaryny görenoklar, görmegem islänoklar.

Ysraýylyň «azat metbugaty» Gazadaky uruş jenaýatlaryny we ol ýerde bolup geçýänler barada halkara jemgyýetçiligiň we palestin jemgyýetiniň aýdýanlaryny görmezlige salýar. Olar üçin hamana 7-nji oktýabrdan bäri hiç zat bolmadyk ýaly.
Birnäçe gün öň Gazäniň merkezindäki «Nuseýrat» bosgun lagerinde «Hamasdyr» palestinaly beýleki ýaragly toparlar tarapyndan alnyp gaçylan dört zamuny halas etmek üçin geçirilen operasiýada müňden gowrak palestinaly öldürildi, köp sanly palestinaly ýaralandy.
«Demokratik» döwletiň metbugaty operasiýany birnäçe günläp «gahrymanlarça amala aşyrylan hirurgiki operasiýa» hökmünde görkezdi. Esgerleriniň «batyrlygyny» öwüp asmana çykarsa-da, palestinaly ýönekeý raýatlaryň gyrlyşy hakda ýeke agyzam dil ýarmady.
Uruş edebiýatynda köpçülikleýin gyrgynçylyklar etniki ýa-da «kimlik çaknyşyklary» wagtynda syýasy ýa-da ideologiki ýaragly çaknyşyklardan has bolup biläýjek zat.
Häkimiýetdäki režimiň aýratynlygy-da köpçülikleýin gyrgynçylyklaryň, etniki arassalaýyşyň we ýok etmegiň bolup geçmeginde möhüm faktordyr.
Ysraýyl häzir aç-açan ýagdaýda palestinalylaryň öldürilmegine çagyrýan, jöhitler üçin ýeke-täk döwlet we Gazäniň atom bombasy bilen ýok edilmegini isleýän ekstremistik toparlar tarapyndan dolandyrylýar.
Netanýahunyň syýasy nutugynda ulanylýan söz leksikonyny analiz edenimizde, munuň iudeýligi syýasylaşdyrýan we ekstremistik dinçi sionizme ýüzlenýän populistik nutukdygyny görýäris.

- **Demokratiýa taganyň dört aýagynyň üstünde guruldy**

Demokratik ýurtlardaky syýasy režimleriň öňüni alyjy ýa-da kanuny göreş bolaýanda-da, uruş üçin halkyň goldawyny gazanmakda kynçylyk çekmegi uruşyň saýlawçylara ahlak-moral taýdan tutaryklandyrylmagynyň kynçylygy bilen baglanyşykly ýagdaý.
Demokratik ýurtlaryň liderleri demokratik däl ýurtlaryň liderlerine garanda has uly guramaçylykly çäklendirmeler bilen

ýüzbe-ýüz bolýarlar.
Metbugat azatlygy ýa-da beýleki bir ady bilen «dördünji güýç» awtoritar režimleriň tersine demokratik döwletlerde uruşa garşy oppozisiýanyň esasy sütünleriniň biridir.
Syýasy partiýalar jemgyýetçiligi barlamalarynda ýa-da sosial mediýadaky duýgulary analiz edip jemgyýetçiligiň pikirlerine pitiwa etmezden ýeketaraply harby syýasy ugry oňlan ýagdaýynda saýlawçy seslerini ýitirmekden gorkýarlar.
Žurnalistiň Ysraýyla girmezden öň etmeli birinji zady «harby senzuranyň» getiren şertlerini kabul etmekdir. Wagtlaýyn metbugat kartyny almak üçin anketa dolduran žurnalistiň «potensial taýdan jedelli» temalardaky makalalaryny çap etdirmezden öň ysraýylly ygtyýarlylara ugratmaga borçly bolar.
Eger şeýdilmedik ýagdaýynda žurnalistiň Ysraýylda žurnalist bolup işlemek hukugyndan mahrum boljakdygy we gaýdyp ýurda girmeginiň gadagan ediljekdigi duýdurylýar.
Entek praktikada beýle zat bolup geçmese-de, anketada bu paragrafyň bolmagy daşary ýurtly žurnalistlere ultimatum berýär we olary şular ýaly awtosenzurany berjaý etmäge mejbur edýär.




*Netanýahunyñ ýanynda öňki Goranmak ministri Benni Gantzyň ýer alan saýlaw döwrüne degişli afişa / Fotosurat: Reuters*

Akylly-başly diktatoryň synagdan we barlagdan geçen syýasy düzgünleriniň birem ýurduna gelýän daşary ýurtly žurnaliste ýurdunyň metbugat azatlygyny basyp ýatyrandygyny we berýän habarlary sebäpli howp astynda saklanýandygy kartinasyny bildirmezlik bolsa-da, Netanýahu kämahal akyllu diktatoryň şeýle düzgünlerine eýermeýäne meňzeýär.

Demokratiýa we azat saýlawlar söz we metbugat azatlygy, demonstrasiýa geçirip bilmek azatlygy we hukugyň öňdeligi ýaly dörtaýakly taganyň üstünde gurnalandyr.

Taganyň dördünji aýagyna seredip, Ysraýyldaky kanunlaryň döwletiň raýatlaryna arasynda alagöz seredýändigini, jynsparazçylykly we mezhepparazçylykly diskriminasiýany oňlandygyny görýäris.

Ysraýyl Netanýahunyň başlykluk eden öňki hökümet döwründe, ýagny 2018-nji ýylda jöhitleriň kollektiwleýin statusyny araplara raýatlyk esasynda ykrar edilen şahsy syýasy hak-hukuklaryndan ýokarda görýän «Iudeý Halk Döwleti» kanunyny

güýje girizdi.
Şeýtmek bilen Ysraýyl 1948-nji ýyldan gurlan wagtyndan bäri eýelik edýän liberal-demokratik prinsiplerinden daşlaşdy.
Demokratik ýurtlarda urşy ahlak taýdan dogry hasaplajak bolmak kyn.
«Sud reformalaryny», has dogrusy Ysraýylyň Ýokary Sudunyň ygtyýarlyklaryny azatlamagy we sud edaralaryny täzeden guramagy teklip edýäm giň gerimli üýtgeşmeleri geçirmäge synanyşýan Netanýahunyň halkyň duýgularyny manipulirlemegi maksat edinýän populistik nutugy demokratik sistemalardaky hukugyň öňdeligi prinsipine ters gelýär.
Munuň özi «ýurduň liderine» doly we absolýut goldaw berilmegini talap edýär «milli buýsanç» nutugydyr we lideriň aýdýanlaryny derňeýän islendik adama «dönük we komplimasiýaçy» tagmasy basylýar.
Azat saýlawlar barada aýdanda bolsa, demokratiýany aç-açan paltalaýandygyna garamazdan islendik adamyň ýa-da partiýanyň saýlawlar arkaly birnäçe gezek saýlanmagy Ysraýylyň syýasy syrlarynyň biri hasaplanýar.
Nemes ykdysatçysy we syýasatşynasy Ýozef Şumpeter (1883-1950) şeýle diýýär:
«Hemmeleri hemişe aldap bilmeseňizem, ýeterlik derejede adamy aldap bilersiňiz we onuň zyýany gaty uly bolar».
Netanýahu birinji gezek premýer-ministr bolan 1996-njy ýylyndan bäri dürli saýlawlarda birnäçe hökümete başlyklyk etmegi başardy. Syýasy karýerasynyň dowamynda «uly syýasy tupan» turuzdy.
Korrupsiýa aýyplamalary, ekstremistik jynsparaz partiýalar bilen ýaranlyk, dinçi partiýalara we okkupasiýa astyndaky Günbatar Şeriadaky jöhit ilatly punktlaryn ýeňillikler we salgytdan boşatmalar, Gaza urşuny uzaltmak we köp sanly ysraýylynyň öz islegi bilen işden gitmegi hem-de «Hamas» bilen urşy soňlandyryp, Gazadaky beýleki girewne alynanlaryň yzyna alynmagyny ýola goýjak ylalaşygyň baglaşylmagyna edilen çagyryşlara gulak asylmazlykdan dörän tupan.
Ýakynda Halkara Jeza beriş sudunyň baş garalawjysy Netanýahuny we Goranmak ministri Ýoaw Gallanty Gazada uruş jenaýatyny

amala aşyrmakda we genosod etmekde aýyplap, ikisini-de tussag astyna almak üçin suda ýüz tutulandygyny mälim etdi.
Netanýahunyň bu ýagdaýy demokratik saýlawlar esasynda häkimiýete gelendigine garamazdan özüni agdarmaga synanyşýandygyny öňe sürüp (Ysraýylda şonsuzam nesli gutaryp barýan) çep ganatyň goldawy bilen «gizlin döwletiň» häkimiýetine garşy guran komplimasiýasy hökmünde görkezmegi bolsa, işiň ironiki tarapy.
Netanýahu halkyna özüni gurban hökmünde görkezýär. Tarapdarlaryna halklarynyň we buýsançlarynyň öňüni çekýän «zulum astyndaky» liderlerine köre-körlük bilen eýermäge we tankyt edilmesiz wepalylyk görkezmäge çagyrýar.
Eger Ysraýyl şu ýagdaýy bilen «Ýakyn Gündogardaky ýeke-täk demokratiýa» bolýan bolsa, görelde alyp bolaýjak model däldigi belli.

Ahmet MAHIR.

Anna, 21.06.2024 ý. Publisistika